# Kir güni / pýesanyñ dowamy

Category: Ertekiler,Kitapcy,Sözler,Teatr we kino sungaty
написано kitapcy | 23 января, 2025
Kir güni / pýesanyñ dowamy IKINJI BÖLÜM

Öňki ýer. Serdaryň täze portreti asylypdyr. Ol ak atyň üstünde otyr. Elinde "Parz kitaby". Başynda gara seleň telpek. Egninde zerli pogon. Bilinde egri gylyç. Adamlar iýip-içipdirler. Gyz Telekeçä ýelmeşip dur, olar pynhan duýgulara maýyl. Çetde gara kostýumly, gara äýnekli ýigit mejalsyzlykdan diwara ýaplanyp durana meňzeýär. Şahyr aýal Serdaryň portretine garap goşgy okaýar.

ŞAHYR AÝAL:
*Ezraýyl bendeleň janyny alsa,*
*Serdar diriligiň gamyn iýmeli.*
*Ezraýyl perişdä baky diýseňiz,*
*Onda biz Serdara näme diýmeli?!*
BILERMEN. Gadym adamlarda Gün asmanda ak atly gezýärmiş diýen ynanç bolupdyr.
ŞAHYR AÝAL:
*Dirilikde görýän bakylygy men.*
*Ýüregimde Serdaryma söýgi bar!*
BILERMEN. Gün bakylygyň nyşany. Ak atly Serdar biziň diriligimiziň simwoly.
KÖPÇÜLIK BIRLIKDE. Serdar – Çyn hossar, raýatlaň minnetdar! Serdar – Çyn hossar, raýatlaň minnetdar!

Portretiň çyralary ýanýar. El çarpmalar, şowhun.

ŞAHYR AÝAL. Ata-babalarymyz bu güne "Kir güni" diýipdirler. Serdaryň permany bilen biz kir gününi Päkligiň, Arassalygyň, Ruhy belentligiň gününe öwürdik. Häzir men Serdaryň ruhyýet köşgüne rowana bolaryn. Biz kalbymyzdaky egsilmez buýsanjy beýan edip, ölümi ýatlamaga Serdara rugsat bermeris.

Gara geýimli göwresini penalap, golundan ukol edýär, soňra

arkasyny diwara berip, syrylyp gaýdyşyna aýaklaryny uzadyp oturýar. Onuň iňňildä meňzeş sesine Şahyr aýal diň salýar.

GARA GEÝIMLI. Garga gagyldap uçdy… Garga bir bellän ýerine gonýar, kowsalaram gaýdyp geläýýär, ol gargalygyna halys öwrenişip gidipdir… garganyň bir sesi, şo bir gagyldysy… üýtgänok… (Şahyr aýal alaçsyzlykdan zowzuldaýar)
MASGARABAZ. Ilkidurmuş adamlar hudaýlary, gahrymanlary wasp edenlerinde olara ynanýan ekeniler. Adamlaryň sada ynanjy mahabatly söze mukaddeslik alamatyny beripdir. Ýaşaldygyça adamlaryň düşünjesi, durmuş tejribesi artypdyr, gara bähbit durmuşdan öňe geçipdir, sözüň mukaddesligi barha ýitipdir, ony haryda öwrüpdirler, satyp başlapdyrlar.
ATEIST AÝAL. Jelepçiligem şeýdip döräpdir. Gadymy grek ýazgylarynda her ýyl Adonisiň ýasy tutulanda adamlar saçlaryny oňa gurban edipdirler diýip ýazylýar. Eger-de bir aýal saçynyň syrylmagyny islemese, ruhanylaryň buýrugyna görä, ýas dabarasy gutarýança keseki ýurtdan gelenlere tenini satmaly bolupdyr, gazanan puluny hudaýyň ybadathanasyna bagş etmeli ekeni. Ten satyp gazanç edip boljagyna şonda düşünipdirler.
MOLLA. Lal boluň! Eý, Alla-hudaý, gulagymy gap, butparazlaň şermende sözüni eştmäýin!
ATEIST AÝAL. (Gülýär) Bu dilegiň bärden gaýdýar, molla. Syýasy küntileriň sözüne el çarpsam elim ysmaz bolsun, haramdan berilýän sadakadan datsam bokurdagyma tegek bolsun diý.
MOLLA. (Bilermene) Dürräni inder ol albassynyň depesinden, bolmasa-da inderjege ber! (Dürrä ýapyşýar)
BILERMEN. Dürreden güýçli gudrat bar! (“Parz kitabyny” somlaýar) Serdaryň paýhasyna gulak goý! (Ýatdan aýdýar) “Bähbit arap ten satýanlara künti diýmeli. Mesligine çydaman, keýp üçin edýänlere loly diýmeli. Küntüler – sosial kesel, lolular – ahlak pesligi. Bularyň ikisi-de halk pähiminde aýdylan mana gabat gelýär: “Ganjyk guýruk bulamasa, köpek yzyna düşmez”. “Parz kitaby”, 217-nji sahypa, ýokardan ikinji jümle.
ATEIST AÝAL. Häzir syýasy küntüler modada. (Gülýär)
ŞAHYR AÝAL. Göriplikden ýaňa akylyňyz çaşypdyr.

GYZ. (Ateist aýala) Modany kimiň başlanynam aýt-da! Kompartiýanyň ybadathanalaryna işe alnan heleýlerden näme talap edilenine sen belet bolmaly. Indi agzyňa gelenini samrap otyrsyň, o mahal diliňiz syrtyňyza giden ýaly, sekretarlardan bidin ýeke söz aýdyp bilýärmidiňiz! Diliňiz berk bolsa-da, uçguryňyz gowşakdy. Ýalaňaç syrtyňyzy kiçijik wezipe bilen ýapjak bolardyňyz.
GOLAK AÝAL. Häýt-dä welin!.. Diýeniň dogrudyr, gyz, häzir seň harydyň geçginli.
MASGARABAZ. Garaşsyz ýurduň garaşsyzlyga çykan zenanlary! Ezraýyly güldürdiňiz, keýpi göterlip, hahahaýlap gülýär. Ezraýyl gelende eşekler aňňyrmaly… Eşekleriň sesi eşidilýär! Ýuwa-aş-ş! (Diň salýarlar. Ilki bir eşegiň sesi gelýär, soňra köpelýär) Babilonda ölenleri merhumlaryň mekanyna eşek bilen ugradypdyrlar.
MOLLA. Seň itiňem gursun, eşegiňem! Bi bihaýalyga men çydam edip oturybiljek däl. (Gidermen görünýär) Gurhany kerimde: iň ýakymsyz ses aňňyrýan eşegiň sesidir diýip ýazylandyr.
ŞAHYR AÝAL. Bil berme, molla, şahyr gyzyň sözleri saňa söýget bolsun! (Masgarabaza) Sen näme samrajak, yşarat!
MASGARABAZ. Samrara ýeke söz galdy, uýam: Beýik Serdaryň raýatlarynyň biri-de Ezraýylyň penjesine düşmäne döwtalap däl, olar Serdaryň jar eden Altyn asyrynda ýaýnap ýaşamakçy.
ŞAHYR AÝAL. Şeýt-de, gepiňi düzet.
MASGARABAZ. Men muny Altyn asyra eşegiň dahyly bolany üçin aýdýan. Kör gargaň beren jadyly saçagyny patyşa garybyň elinden gaňryp aldy gerek? Garyp ýene gargaň ýanyna barýar, kör garga oňa eşek berdi. Hyh! diýseň eşegiň syrtynda altyn tezek gaçýar. Patyşa bu eşegem aldy oturyberdi. Şahyr, dilinden dür dökülýän zenan, köşge baraňda Serdardan sorasana: altyn tezekleýän eşek nirede diý. Ertekiniň döwri geldi.
BILERMEN. ("Parz kitabyny" açýar) "Eşegiň adyny iki manyda ulanyp bolar: eşek ýaly işleýär diýlende – gowy manyda, eşek ýaly kejir diýlende – erbet manyda. Umuman, eşek meselesine örän oýlanyşykly çemeleşmegi buýurýaryn", 29-njy sahypa, aşakdan ikinji jümle. (Kitaby ýapýar)
MASGARABAZ. Altyn asyr üçin bize altyn tezekleýän eşekler

gerek! Eger döwlet gerbine eşegiň şekilini goýsak, eşege bizden başga eýe çykjak tapylmaz, ýogsa, hindi rowaýatynda-da ähli zady altyna öwrüp bilýän eşek bar.
GARA GEÝIMLI. Oglankam babamyň eşeginden ýykyldym, beýnim çaýkandy, häzirem düzelenok. Başym aýlanýa, ýüregim bulanýa, süňňüm gagşaýa, sem ediň eşegiň sesini! (Kellesini tutup galýar) Meni obada taşlap gaýdypdyň, eje. Wah, maňlaýyň ýarylypdyr diýdiň, doktor getirjek diýdiň, getirmän gaçyp gitdiň…
ŞAHYR AÝAL. Bu yşaratyň samramasyny ünsüňe alma, oglum. Eposlara, ertekilere täze mazmun çaýmaly döwür geldi!
GARA GEÝIMLI. (Gygyrýar) Eşekden ýykylanymy gördüň-ä sen!

Poliseýler gelýär, Şahyr aýal has hyjuwlanýar.

ŞAHYR AÝAL. Köne eposda Ezraýyl bilen ýaka tutup ýeňilen ýigit utanman garry enesiniň janyny dileýär. Maňa derek Ezraýyla janyňy ber diýýär. Bäri dur, oglum, sen eneň janyny dilemän, gaýta eneň üçin Ezraýyla janyňy berjekdigiňi il-güne aýt! (Ogluny idekläp öňe çykarýar. Gara geýimli poliseýlere gorky bilen garaýar)
GARA GEÝIMLI. Ýanyň bilen alyp git… senden galman, eje!
ŞAHYR AÝAL. Köşge ejeňi çagyrdylar, oglum, meni buýsanç bilen ugrat. Sen buýsanjyňy bulara aýdyp ber, ak kagyza altyn setirler ýazandygyma sen beled-ä, bularam eşitsin. Serdaryň şahyr enä ýapýan serpaýyna göriplik edendiklerine utanarlar.
GARA GEÝIMLI. (Poliseýleri görkezýär) Eje, bular meni heläk ederler.
ŞAHYR AÝAL. Serdaryň ýurdunda meniň perzendimiň golaýyna kim gelip biler! (Gara geýimli gapa eňýär) Goýbermäň! (Gara geýimlini dolaýarlar)
GARA GEÝIMLI. Bu çaka diňe seniň diýeniňi edip geldim.
ŞAHYR AÝAL. Sen meň oglumsyň, bu saparam ejeň diýenini edersiň.
GARA GEÝIMLI. Kakaň beren welosipedini münmersiň diýdiň, münmedim-ä, eje. Motor alyp bereýin diýdi, sen maňa gerek däl diýdirdiň. Dilimi bagladyň, aýagymy duşadyň, indi meni taşlap

gitjek bolma. Bular meni dürre bilen ýenjerler.
ŞAHYR AÝAL. Bes et, namartlyk etme, men namart ogul dogurmadym.
GARA GEÝIMLI. (Gygyrýar) Kakaň seni mençe söýýän däldir diýýärdiň, ejeň seň üçin janyny bermäge taýýar diýýädiň, kakaň maşyn alyp berse-de, ony ejeň söýgüsine çalyşmagyn diýdiň. Diýdiň-ä! Kakama kaka diýdirmedigem sen-ä! Kaka diýmesem o meni idemez, idejek bolsa-da heleýi etdirmez, saňa kaka diýmeýän ogla näme üçin maşyn alyp bermelimiş diýer. Şu eken-ä seň maksadyň! Indem seň özüň menden ýüz öwürýäň, eje. Boýnumdan daş asyp, girdaba taşladyň. Eje-e!.. dur. Meni taşlap gideniňi biläýse, kakam meni gözläp tapar, men oňa näme diýeýin?
ŞAHYR AÝAL. Sen är çykdyň, är sözüni özüň tap. Meni egleme!
GARA GEÝIMLI. (Ejesiniň aýagyna ýykylýar) Sen ejeňe derkar däl ekeniň, ejeňe Serdar gerek ekeni diýse, kakama näme diýeýin?
ŞAHYR AÝAL. Dikel! Indi goşa garagyma gara! Eger şeý diýmäge het edäýse… (Ajy ýylgyrýar) ol seni başyna ýapsynmy! Eger bardy-geldi diýäýen halatynda, näletsiňmiş kakaňa: gaýratly bolsaň bu sowaly ejeme ber diý. Meniň jogabym nagt, ony senem eşit, il-günem eşitsin. Meniň halkymdan gizlin gürrüňim ýok, şahyr uly iliň adamy. Eger Ezraýyl perişde meniň janymy derkarlasa, kimiň öwezine janyňy bermekçi sen! diýse, Serdaryň janynyň öwezine şirin janymy berjegimi aýdaryn. Seniň ýalyny eneler her gün, her sagat dogurýarlar, emma beýik Serdary ýüz ýyldan, müň ýyldan bir gezek dogrup bolýar!

Serdaryň portretindäki çyralar ýanýar. Poliseýbaşy çapak urýar, beýlekilerem oňa goşulýar. Şahyr aýal başyny belent tutup gidýär. Gara geýimli yzyndan ylgaýar.

POLISEÝBAŞY. Saklaň!

Gara geýimli olara baş bermejek bolýar, ýagyrnysyna dürre degenine-de üns berenok. Gapa tarap dyzaýar.

GARA GEÝIMLI. Meni öz eliň bilen Ezraýyla tabşyryp gitdiň! Saklamaň meni, kakamyň ýanyna goýberiň! (Ol poliseýleriň

birini ýykýar, ony urup başlaýarlar) Kaka, meni öldürýäler… (Ony süýräp bir gyra çekýärler) Meni eşege mündürmäň, kelläm ýarylar… Babamyň eşeginiň depekdigini ejem bilýär, kelläme depjeginem bilýä, maňlaýymy ýarjagynam bilýä… Goýberiň!.. Meň özüm öleýin, urmaň, öldürmäň! Eşegi äkidiň, depmesin… Ezraýyl ejemiň sesini eşitdi. Aýyrlyň…

Adamlar mejalsyz ýatan ýigide garap durlar. Onuň gymyldysy kem-kem haýallaýar. Birden golaýda duran poliseý gygyryp, onuň üstüne özüni zyňýar.

POLISEÝ. Damaryny kesdi!
POLISEÝBAŞY. (Adamlara) Çekiliň! (Gara geýimli ýagdaýy ýeňlän adamyň rahatlygy bilen iňileýär) Äkidiň. (Gara geýimlini süýräp diýen ýaly alyp gidýärler. Poliseýbaşy galýar. Ol ýakymsyz ýylgyryp, duranlara seredýär. Aňyrsyny bakyp oturan Aksakalyň maňlaýyna geçýär.) Biziň aksakal Ezraýyldan gorkýana meňzeýän däldir, görüň, hezil edip çaý içýär, maňlaýyndan burçak-burçak der akýar. Ýetmiş bäş ýaşady, ölesi gelýän däldir. Ýaňky ganyny sarkdyryp giden ýigidiňem ölesi gelenok, ýigirimi ýaş nire, ölüm nire! Bagtyýatanyň uzak ýaşamajagyny bilip oturansyň sen, aksakal. Seniň Ezraýyl bilen arkalaşyga gireniň öňräk, has öň!
AKSAKAL. Eý, toba! Sabyr-takat bereweri, Alla!
POLISEÝBAŞY. Juwanlaryň ömründen kesip alan ýyllaryňy öz ömrüň hasabyna geçirerin öýdýänsiň, sen bihasap ýaşajak adam-a dälsiň.
AKSAKAL. (Bogulýan ýaly hereketde) Töhmet belasyna çydamak kyn. Hudaý bendesine rehim berewersin…
POLISEÝBAŞY. (Masgarabazyň alkymyna barýar) Itiň, eşegiň sesi adamlary irizen bolmasyn, başga nähili tomaşaň bar? Masgarabazda oýun gytlyk etmeli däl.
MOLLA. Oýny-da gursun, özi-de! Butparazy güm edip kowup goýberiň.
MASGARABAZ. Hormatly Poliseýbaşy, şahyr zenan oýna ýer goýmady, çyndan tutdy. Adamlar, şahyryň ynanjyna eýermegi teklip edýärin! Garşy? Elbetde, ýok. Özüni saklan? Bolmaly

däl. Ýa eýläk, ýa beýläk. Has dogrusy, jan gerekmi — pyçak! Bu synaga Ezraýylyň özem dykgat bilen garar.
GOLAK AÝAL. Sen adam dersine giren Ezraýyl-a dälsiň?
MASGARABAZ. Sorag-jogaby soňa goýýas. Synagy başlamaga rugsat ediň, merhemetli Poliseýbaşy!
GOLAK AÝAL. Bu nejis bizi Serdaryň Altyn asyryndan azaşdyrjak bolýar. Maňlaýyna eşek depen ýaly edip kowalyň. Ýit, garaňy saýla! Bize kommunizmi görkezmedigem sen tetelli masgarabazlar. (Portreti somlaýar) Biz Serdara ynanýas, Serdaryň synagyna boýun, sen ara sokulma.
BILERMEN. “Musa pygamber ýesirlikden boşan halky bilen kyrk ýyl çölde entedi. Men garaşsyzlyga çykaran halkymy juda gysga ýol bilen, juda gysga möhletde Altyn asyra ýetirmegi makul bildim”. Serdaryň mukaddes “Parz kitaby”, 110-njy sahypa, ýokardan bäşinji jümle.
ATEIST AÝAL. Anyk bir möhlet görkezipmi?
BILERMEN. Syýasatyň tejribesinden habarly Serdarymyz anyk möhlet görkezmegiň ygtybarsyz zatdygyny bilýän bolmaly.
POLISEÝBAŞY. Mukaddes kitabyň düşündirişi özünde, seň düşündirişiňe mätäç däl. (Bilermeniň elinden dürräni kakyp alýar. Giden poliseýler gaýdyp gelýärler)
MASGARABAZ. Eýse biz millionlarça raýat bolup, bir Serdara bir jan berip bilmerismi?!
GOLAK AÝAL. Bary-ýogy bir jan berilmeli bolsa, ýaňky tanapyna towusýan şahyr heleý bize gezek bermejek ýaly-la.
MOLLA. Jan alyp jan bermek Biribaryň yradasydyr.
MASGARABAZ. Gadym zamanda Serdarlar ölende onuň gullaryny, gyrnaklaryny öldürip bileje jaýlar ekeniler. Biz bu gün garaşsyz ýurduň garaşsyz raýatlary Serdarymyza wepalylykda hem rakyplykda gullardan pesde durup bilmeris-ä! (Dymyşlyk) Sen näme diýjek.
BILERMEN. (Gygyrýar) Serdar üçin jan bermäge her birimiz taýýar! (Ýuwaş äheňde) Eger gep bary-ýogy bir jan hakynda barýar diýseňiz, onda bir zat edeliň, höweskleriň hiç biri kemsinmez ýaly bije atalyň.
SESLER. Bizem şoňa razy… “Bijeli oglan aglamaz”…
ATEIST AÝAL. Ezraýylyň wezipesini elinden aljak bolmaň.

GOLAK AÝAL. Hudaýsyzam bolsa, bu heleý dogry diýýä. Ezraýylyň özi saýlap tutar, oňa-da güýmenje gerekdir-ä.
MASGARABAZ. Mynasyp adamy diňe kollektiw hödürläp biler diýjegem bardyr.
ATEIST AÝAL. Kollektiwi dile getireniň üçin menem seni goldajak. Ýekebaraň ýüzüne köz degsin, hersi bir ýana çeker. Kollektiw diýeniň sagylýan sygyr ýalydyr, bir emjegini boşat, tutuş ýelnini boşat, başynam galdyrmaz, janawar.
BILERMEN. Kollektiw bijä garşy bolmaz diýjek.
MASGARABAZ. Bolgusyz bir adamyň bijesi çyksa nätmeli, oň jany, aýdaly, ite-de gerek däl-dä, nädip ony serdara mynasyp görjek?
GOLAK AÝAL. Bijesiniň çykjagyndan howatyr edip, bi nejis öňünden özüni goraglaýar. Ýadyňyzda bolsa, häli gelende adym Italmaz diýipdi. (Gülýär)
MASGARABAZ. Adamlar, ho-ow, agzymyz alarmasyn. Bolmasa, men başga bir usul hödür etjek. (Torbasyndan ak kepderini çykarýar) Şu owadanja guşa syn kylyň!.. (Çüňkünden ogşaýar) Dört müň ýyl ozal Babilon şäherinde kepderi bilen ýurduň patyşasyny saýlapdyrlar.
GOLAK AÝAL. Öldüräýmeseň muň ertekisi gutarmaz.
MASGARABAZ. Bi ýöne bir kepderi däl, alym kepderidir. Serdara janyny berjek mynasyp adamy kepderi saýlap berer! Kim şu teklibe razy bolsa, sesini çykarman dursun. Garşy? Ýok. Özüni saklan? Bolubam bilmez!.. Häzir çyrany söndürägeden kepderini goýbereris. Ol kimiň egnine gonsa, şol adamyň artykmaçlygy, Serdara mynasyplygy. Ony kollektiwiň adyndan gutlarys, hoş habary Serdaryň özüne ýetireris!
GOLAK AÝAL. Alym kepderi diýýäniňi okadanam sen nejis dälmi!
ATEIST AÝAL. Indiki dawa artykmaç.
POLISEÝBAŞY. (Golak aýala) Päsgel berme, sem bol!
MASGARABAZ. Çyra sönenden soň hiç bir adamyň kollektiwi taşlap gitmäge haky ýokdur.
MOLLA. Weý, ýassy namazynyň wagty bolaýan owuşýan, men namazy geçiribilmen.
MASGARABAZ. (Sagadyna seredýär) Namaz wagtyna ýene on minut bar, molla aga, bize bäş minut ýeterlik. Uzaga çekseň entuziazm gutarar, entuziazmsyz kollektiw ýa pytyrar, ýa-da

çüýrär. (Stoluň üstüne çykýar) Kepderini goýberemde çyra sönmelidir. Pasyrdyň eşidilmesi galsa, kepderiniň gondugy, şo bada çyra ýanar.
POLISEÝBAŞY. Köpçülik işlerine gatnaşmak bize gadagan. Gapyň öňünde durarys. (Poliseýler çykýarlar)
MASGARABAZ. Tertip-düzgüniň bolmagy hökmany şert. Gykylyk-galmagal, ýa-da bolmasa, gödek hereketler kepderiniň netijeli işlemegine päsgel berer. Siziň ynsabyňyza bil baglaýan. (Kepderini ýokary galdyrýar) Üns beriň!.. Bir… iki-i…
BILERMEN. Dur! Dur, seň özüň näme?
MASGARABAZ. Weý, men – sudýa! Sudýa bolmasa bolmaz-a.
MOLLA. Mesele amanata ýetende Alladan gaýry sudýa bolup bilmez.
GOLAK AÝAL. Gözümize çöp atýa bi nejis!
MASGARABAZ. Boldy. Sudýalykdan el çekýän. Belki, Serdara jan bermek bagty maňa miýesser eder. (Gülýär) Mundan artyk eglenmäliň. Bir… iki… ü-üç!

Çyra sönýär, kepderiniň pasyrdysy eşidilýär. Pasyrdy barha güýçlenýär. Soňra adamlaryň seresaply sesleri çykýar: hüşt, hüşt, hüş-ş…

MASGARABAZYŇ SESI. Karamlyk etmäň, adamlar.

Kepderiniň pasyrdysy ýene biraz dowam edýär, soňra eşidilmesi galýar. Çyra ýanýar. Agyr ümsümlik. Kepderi ýerde ýatyr. Masgarabaz galdyrsa, guş ölüpdir. Poliseýler dolanýar.

MASGARABAZ. (Kepderini sypaýar) Haýsyňyz etdiňiz diýmäýin, soramda-da boýnuna aljak tapylmaz… Menem kellämiň gyzgynyna gaty giden ekenim. Masgarabazyň ölçegi barmy diýersiňiz. Masgarabazlygyň sungatdygyny garry eneme düşündirip bilmändim, pakyr maňa bagtyýatan diýipdi. Beýik Serdarymyz günleriň bir güni: “Men milli häsiýetimize gabat gelmeýän sungata ýol bermerin” diýdi. Çapak urduk, şowhun turuzdyk. “Sen nämä el çarpýaň, ho-ow, seniň sirkiň, seniň masgarabazlygyň keseden getirlen masgaralyk diýdiler”. Birazajyk masgarabazlyk her halkyň zandynda bar-a diýmelidim, diýmedim. Sirki ýapdylar.

Bäh, maňa bagtyýatan diýip, garry enem asyl duýduryp giden eken-ow diýdim. Siz welin, masgarabazyň başarmajak işini etdiňiz. Molla aga, sen beletsiň, Hezreti Aly: “Budumyň etini kesip bereýin, kepderini dileme” diýdi. (Gyza) Owadan gyz, zenan gözelligini Zöhre ýyldyzyna deňeýärler. Heý, bu tymsallar hakydaňyza gelmedimi, adamlar.
POLISEÝBAŞY. Gutar, synagyň ýerine düşdi, kepderi nämemiş. Bular kepderini öldürip, Serdara janlaryny rowa görmejekdiklerini mälim etdiler. Ýüzüňe diýýänleri bir zat, garaňkyda etjekleri başga zat. Bulara ikiýüzli adamlar diý.
MASGARABAZ. Hormatly Poliseýbaşy, bularyň ikiýüzliliginde ýaşamaga isleg bar.
POLISEÝBAŞY. Ine, indi masgarabazyň sözüni tapdyň.
MASGARABAZ. Men beýle bir gödeklik bolaýar öýtmän ekenim. Kepderi janawar bularyň kalbyndaky gorkynyň sebäbine öldi.
POLISEÝBAŞY. Tüket! (Dürräni inderýär)
GOLAK AÝAL. (Masgarabaza topulýar) Muny öldürseňem az, bi nejis bize şyltak atýa, agzyňyza suw alan ýaly bolup oturmaň-a. Heý, ekdi kepderi nätanyşyň egnine gonarmy, eýesiniň egnine gonar! Ony senden başga öldüren ýok, taňrydan tapan! (Ol Serdaryň portreti bilen Masgarabazy urjak bolýar, Poliseýbaşy saklaýar)
POLISEÝBAŞY. (Masgarabaza) Seniň synag diýeniň sirk oýny ýaly bolgusyz bir zada meňzedi, çyn oýny görmänsiň. Bu gije adamlaryň ruhy elekden geçirlip dur. Käbiriňiziň ruhuňyz eýýäm Ezraýylyň kömekçi perişdeleriniň deslapky soragyna çagyrlan bolmaly, ruhuňyzyň gidenini süňňüňiz duýýanam däldir. Eger-de geçen ýylyň sanawyna düşüp, saý-sebäp bilen bu günki-güne ölmän ýeten bar bolsa… elbetde, halkyň köplüginde iş planyny wagtynda berjaý etmek Ezraýyla-da aňsat düşýändir öýtmäň… hawa, ölmän galanlar şu gije hökmany suratda amanadyny tabşyraýmaly. Olara synagdan geçip, azara galyp ýörmegiň derkaram ýok. Sanawa indi girjekleriň ruhy ýörite gurlan päsgelçilikden geçirilýär. Onuň nämedigini menden soramaň, bilemok, ýöne stadiondaky ylgaw ýaryşyna meňzeýän däldir diýjek. Kimiň ruhy ýykylaýsa, bendäniň ajalynyň ýetdigi bil, öňdäki ýylyň dowamynda tepbedi okalar. Haýsy gün janynyň

alynjagy Ezraýylyň iş planyna bagly bolar. Men häzir siziň bilen deslapky bir synagy geçirjek bolýan. Elbetde, men Ezraýyl däl, perişde-de däl, Allatagalladan mandatymam ýok. Men beýik Serdaryň gullugyndaky adam. Serdara ikilik edýänler Ezraýyly-da aldawa saljak bolarlar diýilse, ynanaýmalydyr. Siziň ähli etmişiňizi hasaba almak meniň wezipäme girenok. Haýyr-sahawat, zyna işler – bular dogrusynda Ezraýyl siziň ruhuňyzdan sorar. Umuman, bendelik borjuňyzy derňemegi Ezraýyla goýýan, meni raýatlyk borjuňyz gyzyklandyrýar. Garaşsyz döwlete, onuň Serdaryna näderjede rakypdygyňyzy kesgitlemekçi. Meniň synagym garaňkyda kepderi öldüren ýaly däldir. Men päsgelçilik üçin gyldan inçe, gylyçdan ýiti Syrat köprüsini gurmakçy däl, ýönekeýje bir zady aljak… Getiriň. (Poliseýler her tarapyna ýedi basgançak berkidilen agaç münber getirýärler. Münberiň üstünde durara ýer bar. Münüp düşmeli basgançaklar dar hem kert.) Saýlaň… ýönekeýdir! Münýäň-düşýäň, wessalam – iş tamam. (Gülýär) Syrat köprüsiniň aşagynda dowzah ody alawlap ýanyp dur diýýärler. Bärde gorpam, girdabam ýok. Ahlagy päk, kasamyna wepaly adamlara ýaýdanara zat ýok, etmişlileriň welin, dat gününe! Ýaman matlabyny ýalan söz bilen basyrjak bolýanlary garaýyşy paş eder, garaýyşyny gizlejek bolýanlary hereketi paş eder, aýagyny duşaklar. Bu synagdan abraý bilen geçenler Ezraýylyň synagyndan gorkmasynlar.

Poliseýbaşy gylawlanyp, iki ýana gezmeleýär. Masgarabaz çekinmän münbere tarap ýönelýär.

MASGARABAZ. Men synagdan gorkamok, ekzamene-de ilden öň barýardym.
POLISEÝBAŞY. Çekil!
MASGARABAZ. Sirkde-de masgarabazlar birinji çykýandyrlar.
POLISEÝBAŞY. Saklaň! (Poliseýler Masgarabazy gödeklik bilen saklaýarlar) Masgarabaza birinjilik berilýäni üçin Serdar seniň sirkiňi ýapdy-da. Milli däbimizde masgarabaza öňdelik berlen ýeri ýok, öňdelik ýaşulydan. "Uly başlar, kiçi işlär"… Ýigriminji punktyň spisegini beriň. (Poliseý berýär) Ä-hä-ä,

gidenleriň ady öçürlipdir… dogry-y!
ATEIST AÝAL. Ezraýyl düzen spisogynyň bir kopýasyny size iberen ýaly-la?
POLISEÝBAŞY. Ony gezek özüňe gelende bilersiň. (Aksakala) Bu gije öýünde ýeke galan garrylary Ezraýyl birýandan ýapyrmaly. Köşgi-saraýymda baýguşa öwlrüldim diýsene! Bize jort atmaga gelen bolma sen?
AKSAKAL. Musulman bendesine pespällik buýrulandyr.
POLISEÝBAŞY. Onda betpällik kime buýruldyka? Sakalymyň agyna seret diýersiň, kalbymyň päkligine meňzeýändir diýersiň. (Gülýär) Seni müşderileň gözleýändir, olaryň sabyr-takady seň eliňde.
AKSAKAL. Meni gyssama, dyzymda gurawat ýok.
POLISEÝBAŞY. Hemaýat ederler. (Aksakaly şobada aýak üstüne galdyrýarlar)
AKSAKAL. Boldy, bolandyr… galanyny özüm… Eý, Alla, musulman bendelere abraý berewergin hernä…
POLISEÝBAŞY. Abraýy Alladan dileýärmiň? Geň zat. Abraý pula bitýän dälmidir? (Aksakal kynlyk bilen münbere ýetýär, Poliseýbaşy oňa gazeti somlaýar) Günäsi geçilenleriň spisogyna ogluň ady düşmändir-le?
AKSAKAL. Her kime berlen ykbal bardyr.
POLISEÝBAŞY. (Dürräniň ujy bilen sakaly galdyrýar) Bi sakalyň her taryna bir şeýtan ýapyşyp ýatyr. Ýalan sözlemeziň ýaly sakalyňy tersine syraýsak näder? (Aksakal yranýar. Poliseý goltgy berjek bolýar) Degme, ykbal çözgüdine, goý, her kim öz aýagy bilen barsyn!
AKSAKAL. (Bir basgançak galýar, gyssanmaç kisesini barlaýar) Bi huş diýeniň… garrylyk gursun.
POLISEÝBAŞY. Müşderileňden ýene ikisi özüni asdy. Ýaňky ýigidem oň üstüne goş. Kisäňi barladyň welin, Ezraýyl üçin spisok düzüp goýan bolma sen?!
AKSAKAL. Allajan, dört çaryýarlar, üç ýüz altmyş öwlüýäler, sabyr-takat, kuwwat dileýän.
POLISEÝBAŞY. Nädäýdiň muny! Hakyky penakärleň ady diliňe gelmedimi? Allany, öwlüýäleri diliňe alýan bolsaň, ýalňyzlygyň çyn. Gymylda, egleme, çaltrak, çaltrak! (Aksakal ýene bir

basganҫak galýar) “Mersedesiň” salkyn salonynda oturşyňy ýatla. Gözüň zat görenokdy, men welin, seni görýädim.
AKSAKAL. Öküňýän, seni görmedik gözlerim gapylsyn diýjek.
POLISEÝBAŞY. (Gygyrýar) Gapyldy! Gapylandygyny şu spisok aýdýar.
AKSAKAL. (Doňýar) O nämäň ispisegi?.. (Ol ýykylarly, poliseýler tutmaga häzir)
POLISEÝBAŞY. Golaýyna barmaň!.. Penakärleň düzäýen bolsady, nämäň spisogy diýip soramazdyň. Indi sen, aksakal, meň bilen iş salyşmaly borsuň. Ýekelikden gorkyňa şu ýere geljegiňi öňki üpdeşleň bilip otyrlar. Türmedäki ogluň şu gün ikinji gezek ele düşdi. Penakärleň saňa habar beren däldirler, bermezlerem! Garradyň, küteldiň! (Derini süpürip duran Aksakal indi aýagyny galdyryp bilenok) Ogluň türmede toba hatyny ýazjak diýende näme diýdiň? Ýazmarsyň diýdiň. (Gygyrýar) Diýdiňmi şony? (Aksakal baş atýar) Ogluň türmede oturmagy seň bähbidiňedi. Ony türmä ýollanam seň özüň. Adamlaryň gözüne çöp atmalydyň, bu – bir! Ikinjiden, ýagynyň daşyndan içi aman, türmedäki söwdaňy dowam etdirere ynamdar adam gererkdi.
AKSAKAL. Eý, Alla, gulagymy gap, eşitmäýin!..
POLISEÝBAŞY. Bular hi-iç! Has aýylganç etmişiň başga. Adamlar, aksakal diýlip hormat edilýän adam Serdaryň umyt baglaýan täze nesilini neşe bile gyrmagyň ýoluna düşdi! (Aksakal ýykylýar) Dikeldiň! Kimiň penasynda ýaşamaly ekenidigine düşünsin.

Aksakaly dikeldip bolanok. Poliseý onuň kükregine gulagyny goýýar, soňra pulsuny barlaýar.

POLISEÝ. Gymyldy ýok.
POLISEÝBAŞY. Bolaýmaly! Bolmasa-da gymyldar ýaly ediň!

Poliseýler Aksakalyň el-aýagyny emelsiz hallanladýarlar.

GYZ. (Telekeçä) “Skor pomoşa” til etmeli, haram öläýmesin görgüli.
POLISEÝBAŞY. (Poliseýe) Kükregini owkala, massaž et.

Poliseý ebeteýsiz hereketi bilen massažy bilmeýändigini

görkezýär.

MASGARABAZ. Aýryl bir ýana, men edeýin, men bilýän.
POLISEÝBAŞY. Çekil! (Masgarabaza dürre urýar, özi massaž etmäge başlaýar) Oýnuň ýeri däl, aksakal. «Skoro pomoş» çagyrarlar, giderin, sumat bolaryn diýip ýatansyň, menden syparyn öýtme, ol dünýä gitseňem gaýtaryp getirerin!.. Iki “Mersedesi” ýitirim etdiň, kime berdiň, kime satdyň?! (Gödek daraşýar) Sen wada bilen heleýleri ynandyr, meň ynanmadygyma gözüň ýeteňsoň, bujagaz pyrryldaga ýüz urduň. Aç gözüňi, swoloç! (Aksakalyň duluklaryna şapbat urýar)
GOLAK AÝAL. Çykmadyk janam çykarjaklar.
GYZ. (Telekeçiň telefonuna ýapyşýar) Beýle kyn bolsa, bäri ber, özüm til ederin. Garry adama haýpyň geljek däl seň. (Telefony alyp bilenok)
POLISEÝBAŞY. Eşidýäňmi, heleýleň saňa haýpy gelýär. (Ýene şarpyk urýar) Muňa haýpyňyz gelmesin, muň özi janalgyç, muňa Ezraýyl diýseňem bolar, Iblis diýseňem bolar. (Massažy gödek dowam edýär) Aksakal diýip, sen ýalyny törüne geçirýän halkyň garagy aksyn diýmeli. Eý, Masgarabaz, bäri dur, şu sakaly goparyp seň eňegiňe ýelmejek. Bu ýurtda sen masgarabaz bolup ýaşamarsyň, aksakal diýdirip ýaşabilersiň. Bularyň oýny seň sirkiňden güýçli. Milli däp-dessury bähbit oýnuna öwrüp bilişlerne sen telpek goýarsyň. Serdaryň gözüne çöp atarys öýdýärler, köşgüň töründen orun aljaklar. Näme aljaklaryny görkezeýin-dä. Seret maňa, gözüňi aç! (Aksakalyň dulugyna çalýar)
MOLLA. (Gygyrýar) Alladan sabyr-takat diläliň! Bendäniň kelemesini çöwürmek gerek, Alladan iman dilemesi gerek.
POLISEÝBAŞY. (Janagyrly) Bu adam Alladan imana derek pul dilär. (Aksakalyň üstünden aýrylýar. Poliseýe) Barla.
POLISEÝ. (Pulsy barlaýar, ýüregi diňleýär) Gutarypdyr-laý.
POLISEÝBAŞY. (Aksakaly depýär) Tur, ýogsa maslygyňy itiň öňüne zyňdyrýan. Tur-r! (Has beter depýär, ony zordan saklaýarlar)
MOLLA. Eý, Alla-hudaý, wepat bolan bendäňe iman baýlygyny ber. La ilaha illalah, Muhammedur Resulullah. Omin.

Poliseýbaşy oýa batyp durýar. Dartgynly garaşma.

POLISEÝBAŞY. Diýmek, bu adam Ezraýylyň geçen ýylky sanawyndan galan bolmaly, dadyna ýetişjek ýok… Kisesini barlaň. (Barlaýarlar. Poliseý bir kagyz çykaryp, Poliseýbaşa berýär) Hä-äý, ýeserje goja! Serdaryň adyna toba hatyny ýazypdyr. Türmä düşmänkä eýýäm günäsiniň geçilmegini soraýar, heh! (Spisokdan Aksakaly çyzýar. Wajyp äheňde heçjikläp dowam edýär) “Ýylan gowuny taşlap bilýär. Edil ýylan ýaly halk hem ruhy gurşawyny täzelemegi başarmalydyr. Men bu zerurlygy nesilleriň çalşygynda görýärin. Köne nesiliň uzak saklanmagy ruhy täzelenişi bökdäp biler”.
BILERMEN. Serdaryň mukaddes “Parz kitaby”, 38-nji sahypa, aşakdan üçünji jümle.
POLISEÝBAŞY. (Gaharly) Äkidiň! (Poliseýler Bilermene topulýarlar) Ony däl, muny!

Aksakalyň jesedini süýräp gapydan çykarýarlar.

BILERMEN. Musa pygamber ýol tapman halkyny 40 ýyl çöl beýewanda entetdi diýmäň. Ol täze nesliň ýetişerine garaşdy. Köne nesiliň ýüzi könä tarap, täzelige şübheli garamak köneleriň endigi. Şübhäniň adamy jenaýata eltýändigini ýaňy özümiz gördük.
POLISEÝBAŞY. Äý, sen ýeser! Tut! (Dürräni zyňýar, Bilermen gapyp alýar) Gezek ýaş nesiliňki! (Gyza) Keýik ýaly bökjekläp geç, seni tüpeňlejek ýok.
GYZ. (Telekeçä näzirgenýär) Ýeke goýberjekmi meni? Bileje geçeli, maňa söýget bol, saňa-da beren sadakaň söýget bolar. (Boýnundan gujaklaýar, ogşaýar)
GOLAK AÝAL. Aý-u, köpbilmiş, sen künti diýdiň, loly diýdiň, jelepleri hil-hil bölüşdirdiň…
BILERMEN. Men diýemok, men Serdarymyzyň paýhasyndan çykan sözüni aýtdym.
GOLAK AÝAL. Indi olaň haýsysy arzyly boldy? Serdar aýyl-saýyl edendir-ä. Ýa, ho-ol, erkegiň boýnuna böküp duran utançsyzdan sora, şo bilýändir diýjekmi? (Gülýär)
GYZ. Lal bol, mekejin! (Telekeçiniň kükregine urýar) Agzyňa

gulp urlan ýaly bolup durma! Erkek sözüni diý, lal açsyn!
GOLAK AÝAL. Käşgä heleýi bolsadyň.
POLISEÝBAŞY. Her kişi özüne jogap bersin!
MOLLA. Musulman bendeleri üçin agyr günäleriň biri-de zyna işe ulaşmakdyr.
GYZ. (Telekeçä) Beýle zatlar bolar diýmediň-ä! Ýarym sagatjyk egleneris, soňra daça gideris diýdiň.
POLISEÝBAŞY. Keýgim, adamlary saklama.
GOLAK AÝAL. Ýene bir awçy tapyljak.
POLISEÝBAŞY. (Golaga) Men saňa sem bolmagy buýurýan!
TELEKEÇI. (Gyza) Güzerden geçmeli eşegiň kejirligini etmesene. Hamala, köprüden geçmeli ekeniň-dä.
SES. Syrat köprüsinden!
TELEKEÇI. Bulara sirk gerek.
GYZ. (Silkinýär) Ah-e-eý, hawa-la! Mende näme günä bolsun. Biraz tolgunaýdym-da. Adam diňe utanan pursaty tolgunýa diýip düşünmeli däl. Şu artypdan geçjegimi bilibem durun. Aýagym çolaşyp ýykylar ýaly men serhoşmy?!. Weý, nätdi bi, ýene tolgunýan-da. Waý, men häsiýetimi üýtgedip bilmen-ä!
TELEKEÇI. Ganjyklygyňy edäýýäň!.. Geç diýseň öňürti men geçeýin.
GYZ. Şeýd-ä, erkek diýdir-ä!.. Dur, dur, janym, (Ýapyşýar) bileje geçeli, ýykylsagam bileje ýykylaly. (Howsalaly gülýär)
POLISEÝBAŞY. Ýeke-ýekeden.
GYZ. Bileje dowzaha düşesim gelýär, gadaganmy eýse?
TELEKEÇI. Guýruk bulama. Men geçeýin, meň aýak yzlaryma bas-da senem geç. (Haýbat bilen barsa-da basgançagyň öňünde bady gaçýar) Ý-ok, bi kenaram bolýa! Meni ýükçi düýä öwürjek bolmaň, hem sadaka ber, hem mundan geç! Adalat bolma-la! Molla aga, sadaka kabul diýseň, aýat okap goýber.
MOLLA. Ozalynda halal bilen haramyň arasyna çäk goýsak gelşikli bolar. Döküwmentiň bolmalydyr-a seň? Halal gazançdan diý-de, nähilem bolsa deliljik görkezäý, ol-a aýat ekeni, tebäregem çykyp bereýin, kynlygy ýok.
GOLAK AÝAL. Aý-u, molla, öňinçä şuňa öz heleýiňi nirde taşlap gaýtdyň diýsene.
POLISEÝBAŞY. (Golaga) Sen sem bolmadyň, buýrugy bitirmediň.

(Poliseýler dürräni somlap, Golak aýala ýönelýärler)
GOLAK AÝAL. Sem boldum! Lal boldum! Dilim kesilsin! Golum kesilmän dilim kesiläýmeli ekeni. (Gyssanjyna Serdaryň portretini süpüýär) Arkadagym, howandarym sen Serdar, gora meni! (Poliseýbaşy degmäň diýen yşarat edýär)
TELEKEÇI. (Poliseýbaşa) Siz meni tanap ýörsüňiz-ä.
POLISEÝBAŞY. Molla aga dokumentiň gürrüňini edýär.
TELEKEÇI. Dokument bar-da mende! Başda-da görkezip bilýädim, ýöne birek-birege ynam bolansoň… hawa, ynamy dokument bilen berkitseň has-da gowy. (Goltugyndan bukja çykaryp berýär)
POLISEÝBAŞY. Düşbi adamlara döwletiň, Serdaryň diregi diýmeli. (Howlukman bukjanyň içine seredýär) Dokument ugry düzüw. (Telekeçä) Sen indi sowul beýläk, gyza ýol ber.
GYZ. Onda mollaňa aýat oka diý, okap durka geçjek.
TELEKEÇI. Naçaryň göwnüni bitireli, molla aga. Men saňa tutuş Gurhany oka diýjek däl, ýekeje aýat oka, gysgajygyny. Eger ynsabyň horlar öýtseň, arkaýyn bolaryň ýaly, dokumtiň bir kopýasyny saňa-da bereýin.

Molla eline berlen bukja ýaýdanmaç garaýar.

ATEIST AÝAL. (El çarpyp gülýär) Azabyň gowuşdy, molla, indi zyna işi doga bilen kanunylaşdyryp goýber!
MOLLA. (Bukjany Telekeçiniň öňüne zyňýar) Toba! Toba ediň!.. Siz Allanyň aýatlaryny ujypsyzja gymmata çalşyp-da, Biribaryň ýolundan tesdiňiz. Bu ýaman iş, gabahatlyk, berbatlyk, bihaýalyk. Toba! Toba etdik!

Molla ýüzüni öwrüp, Gurhanyň “Toba” süresini okap başlaýar. Ol özi üçin okaýar, dowam edýän waka üns bermejek bolýan ýaly görünýär. Wakalar aýatyň gapdaly bilen dowam edýär.

POLISEÝBAŞY. (Gyza) Keýgim, kimiň boýnundan asyljagyňy bilseň bolmadymy? Ýaýdanma, tolgunma… Adatça, ejiz adamlar tolgunýar, maksada ýetibilmänem ara ýolda guma garylyp gidýärler. Bu kaddy-kamatyň, aý jemalyň bilen saňa ýaýdanmaga esas ýok. Alla saňa artykmaç görk beripdir, neneň ony peýdalanjak! Nesip eden zadyň hözirini gör. Ýaýdanma, gyz, ýaýdanma!..

Gyz ýalan dabara bilen basgançaga tarap ädim urýar. Telekeçi ony ugratmakçy, Poliseýbaşy onuň kükreginden itýär. Gyz köwüşlerini çykaryp, sakla diýen manyda Telekeçä oklaýar. Gapdalynda Poliseýbaşy dur. Ýene ýaýdanýar. Dabany bilen birinji basgançaga degende sowuk suwa degen ýaly tisginýär.

GYZ. Gün çykdy, gülälek çykdy!.. (Dabany bişen ýaly birinji, ikinji basgançagy böküp geçýär, gyjyklanýan ýaly gülýär) Harman başyna jäjek çykdy! (Ýykylman zordan münberiň üstüne ýetýär. Yranýar, deňagramlylygy saklamak üçin gollaryny ýaýýar. Birdenkä aşak böküp, Poliseýbaşynyň boýnundan asylýar. Poliseýbaşy ony aýyrjak bolanok. Gyz dodagyny onuň dodagyna goýýar. Çyralar sönýär, diňe Serdaryň portretindäki çyralar ýanyp-sönüp başlaýar. Şowhun eşidilýär. Çyra ýananda serhoş ýagdaýa ýeten Poliseýbaşy gyzyň elini gysýar)
POLISEÝBAŞY. (Dabaraly) Täze nesile zowal bolup bilmez. Bularyň häkimiýete hormaty söýgüden-de belent!

El çarpýarlar. Aýat dowam edýär. Telekeçi haýdap gyzy gujaklajak bolýar, Gyz oňa şarpyk çalýar.

GYZ. Dönük ýaşy kesilen!

Şowhun. Aýat dowam edýär.

ATEIST AÝAL. Jemläp aýtsak, bu ahwalaty bazar ykdysadyýetiniň häsiýetli aýratynlyklary bilen düşündirse bolar. Gizlin söwda diýen zat bolmaly däl, utanç-haýa sosializmiň zyýanly galyndysyna öwrüldi. Indi her kim başardygyndan harydyny satjak bolmaly. Bu gyzyň reklamadan başy çykýar, harydy geçginli-de bolsa, hemişe reklamaň gerekdigini bilýär, muň söwdasy uzaga gider.
GYZ. Garry garga, gaýratyň bolsa, gel, geç-dä!
POLISEÝBAŞY. Gaýraty bolmasa-da geçer. Ge-el, geç, seň nobatyň.
ATEIST AÝAL. Gaýrat tapylar. Neşe satyp, ömür kesemok, haram gazançdan sadaka beremok, kişiň äriniň boýnundan asylamok, ýa-da bolmasa, dokument deregine… (Poliseýbaşynyň haýbat bilen

dürrä ýapyşanyny görýär) Garaz, aýdara zat bar-da…
POLISEÝBAŞY. Gepi köpeltme!
ATEIST AÝAL. Hemişe milisiýanyň ýanynda professorlaryň sylagy belentdi. Adyňyzy polisiýa edeniňiz bilen zannyňyz üýtgäýmeli däl-ä… (Molla) Aýat okap, maňa iman dileme. Hudaýa sizçe ynanmasamam, etmişim siziňkiden agyr däldir. (Basgançaga garap durýar) Mende çagalykdan galan kesel bar. Men yrymçyl. Ýolumy gara pişik kesip geçäýse, yza dönäýmelidirin. Häzirem gözüme görnüp duran zat bolmasa-da, aralykdan gara pişik geçip barýan ýaly bir ýakymsyzlyk duýýan.
POLISEÝBAŞY. Özüňe ynamyň ýok.
ATEIST AÝAL. Men aýal adam, senden ýaşym uly, mertebämi kemsitjek bolma-da, gara spisoga düşüren bolsaňyz göni aýt.
POLISEÝBAŞY. (Dabara bilen gülýär) Ony Ezraýyldan sora, professor!
ATEIST AÝAL. Men Ezraýyldan gorkamok, sebäp, ony göremok. Adam görýän zadyndan beter gorkýar. Sen ynha, meň bäbenegime basylyp dursuň. (Basgançagyň öňüne barýar) Gelin bolup gaýyn öýüme baramda, bosagadan sag aýagyňy ätläp gir diýdiler. Soňlar auditoriýa-da sag aýagym bilen girýärdim, çepim bilen girsem erbet okatdy diýip töhmet atyljak ýaly bolar durardy. (Aýagyny basgançaga basmaga häzirlenýär) Sag aýagym şu dälmi… wiý, bi çepim-le, aljyrap öten! (Janagyryly gülýär. Poliseýbaşa) Sen biraz aňyrrak durup bilmejekmi!.. demimi dürsemäge maý ber. Men Serdaryň adyna hat ugradypdym.
POLISEÝBAŞY. Gepi köpeltme, bu taýda miting ýok!
ATEIST AÝAL. (Ýene häzirlenýär) Men-ä bissimila-da diýjek. (Gülüşýärler) Ateistdirin diýýänleriň ýüz prosent hudaýsyzlygyna, dinhordyryn diýip, bu gün döşüne kakýanlaryň ateist däldigine ynanaýmaň, ynanaýmaň!.. (Poliseýbaşa) Seniň şu oýnuňam ateistiň tapaýjak oýny.
POLISEÝBAŞY. (Köpçülige) Bu heleý sizi kanuna ters mitinge dahylly etjek bolýar. (Aýala gygyrýar) Geç, ýa-da ýykylanyňy göreýin!
ATEIST AÝAL. Gyssama, dyzymda erbet agyry bar… Sag aýagym şu diýdimmi… Ýak bir, bissimilla! (Bir basgançak galyp, ýakymsyz gülýär, onuň ýykylaryna garaşýarlar) Mollasy, ruhanysy

köpçülikden hudaýy gizlemegiň derdinde, kommunistler bolsa, menem şolaň biri, halkdan hakykaty gizlejek bolup haýyrheläkdik. Men Serdara ýazan hatymda şuny aýtdym, saňa kommunistleriň hyzmaty has zerurdyr diýdim.
POLISEÝBAŞY. Sen münberi tribuna öwürdiň! Eýýäm kanuna ters iş etdiň.
ATEIST AÝAL. Serdar jogap bermese-de, düşünendir. Serdar bolan ýerde Ateizm bolaýmaly.
POLISEÝBAŞY. Ýok ediň bolşewik heleýi! (Poliseýler topulýarlar)
ATEIST AÝAL. El urmaň, çekiliň!.. Öz aýagym bilen geçeýin.
POLISEÝBAŞY. (Dürräni somlaýar) Indi diliňi ýaraýsaň!..
ATEIST AÝAL. (Ýene bir basganҫak galýar) Bu hazanyň ýene bäşisi galdymy? (Sanaýar) Sowet zamanynda ateist bolmak amatlydy, belki, meniňem bähbit aran ýerim bardyr. Ateizmden dissertasiýa goran aýallaryň sany erkeklerden has köpdür, hudaýsyz aýallar has islegli ýalydy.
POLISEÝBAŞY. Düşüriň!
ATEIST AÝAL. Men-ä seň gulagyňa ýakar diýip aýdýan.
MASGARABAZ. Uýam, düş, ýykyljaga meňzeýäň. (Aýala tarap haýdaýar, poliseýler dürre bilen serpikdirýärler)
ATEIST AÝAL. (Elini asmana serip gygyrýar) Biz asmandaky hudaýdan gorkamzok, (Serdaryň portretine öwrülýär) biziň öz döreden hudaýymyz bar! Eý-ho, dyzlarym doňdy!

Poliseýbaşy Ateist aýalyň egninden dürre inderýär, aýal ýykylýar.

POLISEÝBAŞY. Äkidiň, gepletmäň!

Poliseýler aýaly gyssanmaç süýräp alyp gidýärler. Masgarabaz ylgap basganҫaga galýar, münüp-düşýär, ýene galýar. Poliseýbaşy dürre bilen onuň aýagyna urýar, Masgarabaz duranok.

MASGARABAZ. Serediň… Görüň! Gala-da ýok, girdabam ýok, ätledim, mündüm, ätledim, düşdüm… Aýagym ýüwrük, başym dik!
POLISEÝBAŞY. Sem bol!.. Düş-ş!

Masgarabaz gülýär, dürreden sypmagy başarýar. Basgançakda aşyrlyp düşýär, ýene towsup münýär.

MASGARABAZ. Dürre taýak batlyja sen, häh-hä-hä-ä!
Degmesi kyn nyşana men, ho-ho-ho-o-o!
(Bilermen Poliseýe kömege ýetişýär, emma Masgarabaz ikisine-de per berenok) Bize gorkudan başga Ezraýyl gerek däl-ä!.. Ana, ýene itler uwlaýar, diň salyň… (Giden poliseýler dolanyp, Masgarabaza topulýarlar, Masgarabaz has çakganlyk görkezýär, emma ählisinden sypaýmak kyn. Itleriň sesi eşidilýär.)
Aý terek, gün terek,
Ezraýyla kim gerek? Ha-ha…
POLISEÝBAŞY. Sen gerek! (Urýar) Sen gerek, sen gerek!..
MASGARABAZ. Bedeni ysmaz bolan, dilsiz galan il gerek!.. Haf-haf, haf, haf-f…

Urgy köpelýär. Itleriň sesi gatalýar, gabyrda ýazýar. Masgarabazy ýere ýykyp ýençýärler, depýärler. Golak aýal Serdaryň portreti bilen Masgarabazy urýar. Çyra sönýär. Diňe Serdaryň portretiniň çyrajyklary ýanyp-öçüp dur. Adamlar gaçýarlar, Masgarabazy henizem ýençýärler. Soňra sesler daşlaşýar, tümlük aralaşýar… Ümsümlik… Sahna kem-kemden ýagtylýar. Masgarabaz gymyldysyz ýatyr. “Kaka! Kaka!” diýen ses gelýär. Gapy açylýar, gündiziň ýagtysy düşýär. Altyn reňk matadan köýnek geýnen oglan girýär. Goltugynda sugry baganaly guzujyk bar. Oglanyň köýnegine “Altyn asyr” diýip ýazylypdyr.

OGLAN. (Töweregine garap gygyrýar) Kaka, kaka… kaka-a! (Masgarabazyň ýatanyny görýär) Kaka?.. Bi kim-aý?.. (Masgarabazyň böwrüne depýär) Tur-eý!.. (Masgarabaz başyny galdyrýar, ýüzünde gan-kokuň yzy bar) Seni urdular-maý?!
MASGARABAZ. Sypaladylar… O-how, Altyn asyr öz aýagy bilen ýanyma geläýen ekeni. (Gülýär)
OGLAN. Men-ä seň ýanyňa gelemok, kakamy gözleýän.
MASGARABAZ. Serdaryň köşgüne barýanyňy bilýän.
OGLAN. Ony nä bilýäň-aý, kakam aýtdymy?
MASGARABAZ. Bu ýurtda köşge ýetmek hemme kişiň arzuwy.
OGLAN. Kakama öýde garaşyp otyryn, otyryn, öz-ä bile gideris

diýdi, özem barmady, aldatdy.
MASGARABAZ. Aldadan däldir, aldatjak bolsa, kakaň saňa goşgy ýazyp bermezdi.
OGLAN. Kakamy bilýän ekeniň-ä. Nirde ol, aýdaý! Derrew gitmesek bara, gijä galýas, how!
MASGARABAZ. Serdara okap berjek goşgyňy menem eşideýin-dä.
OGLAN. Kakam seň ücin ýazdymy nä! Bä-äý, seni kim ur-daý? Ezraýyl diýilýän urdumy?.. (Çaşyp ýatan zatlary synlaýar) Bäý-bä-ä, Ezraýyl by taýyk gelipdir-ä!.. Kakam nirde, bilýän bolsaň aýdaý-da… Goşgy aýdyp bersem, aýdarmyň?.. Me, tut şuny. (Guzyny berýär) Gaçyraýma! (Serdaryň portretine garap, dabara bilen goşgy okaýar)
Hem gudratly, hem nurana,
Her sözi şypadyr jana,
Çapar ýollaň dürli ýana:
“Perzentlemme altyn asyr
Berýän!” diýdi beýik Serdar! (Portretiň çyralary ýanýar) Bäh, başga-da adam ba-maý?
MASGARABAZ. (Çawuş äheňde) Serdar diňläp otyr.
OGLAN. Ä-ä?! (Garbap guzyny yzyna alýar, portrete ýüzlenýär) Altyn goşgyny kakam düzdi, Jan Serdar! Altyn köýnegi ejem dikdi, jan Serdar! Altyn guzujygy daýym berdi, jan Serdar! (Portretiň çyralary has ýiti ýanýar, oglan begenjinden gülýär)
MASGARABAZ. Altyn oglany kim dogurdy?
OGLAN. Altyn asyr dogurdy!
MASGARABAZ. Altyn asyry kim dogurdy?
OGLAN. Altyn asyry Altyn Serdarymyz perzentlerine sowgat berdi!
MASGARABAZ. (Aýak üstüne galýar)
Altyn Serdar iline
Altyn oglan ýaraşar.
Altyn oglan egnine
Altyn köýnek ýaraşar.
Altyn köýnek öňüne
Altyn guzy ýaraşar.
Altyn guzyny iýmäge
Altyn möjek ýaraşar!.. (Ellerini gerip, möjek bolup hyňranýar.

Soňra gülýär) Sen eglenme, saňa altyn köşgünde altyn Serdaryň garaşyp otyr.
OGLAN. Kakamyň nirdeligin aýtjak dälmi?
MASGARABAZ. Kakaňa garaşma, gidiber.
OGLAN. (Janagyryly gygyrýar) Goşgy aýdyp berdim-ä, aldatjak bolduňmy?!
MASGARABAZ. Goşgyňy maňa derek Serdaryň portreti diňledi.
OGLAN. Daýym aýtdy, how, gijä galany köşge goýberenoklar, ilden öň baryň diýdi, kakama-da aýtdy.
MASGARABAZ. Barmalydygyny kakaň bilýär.
OGLAN. Onda nä öýe barmady, garaşyp otyryn, otyryn. (Hamsygýar) Serdar her oglana ýüz dollar berýä, daýym: senem ýüz dollar alarsyň, şol pul owadan welsepit almaga ýetýä diýdi. Sen kakamy bilýän ekeniň-ä, nirde, aýdaý-da! Näm üçin aýdaňok? Aýtmasaň bara!.. (Dabanyny ýere urýar) Aýt diýýän!
MASGARABAZ. Kakaňy Poliseýbaşydan soraň.
OGLAN. Uruşdyňyzmy?
MASGARABAZ. Ýok.
OGLAN. Aldaýaň sen! (Masgarabazy depýär) Sen urşupsyň-a… urupdyrlar! Urlanyňa içiň ýanýa. Kakamy milisiýa aýdansyň. Köşge gitmesin diýensiň, kakamyň gitjegine içiň ýanýa, içiň ýanýa! (Öjügýär, gaýta-gaýta topulyp, Masgarabazy depýär)
MASGARABAZ. (Oglany saklaýar, siltäp gygyrýar) Serdar kakaňa garaşanok, saňa garaşýar! (Ýene portretiň çyralary ýanýar, oglan haýran galyp Masgarabaza seredýär) Gördüňmi, Serdar ýene meň aýdanyma dogry diýdi. (Çawuş äheňde) Serdar meň aldawçy däldigimi bilýär. (Gülýär) Altyn köşgüň içine altyn kürre ýaraşar!.. Ýör saňa kürre tapyp bereýin. Diňle, eýýäm kürrejik ses berdi. (Eşegiň aňňyrýan sesi eşidilýär) eşidýäňmi, eşidýäňmi?! (Oglan gorky bilen baş atýar) Sen şol kürräni münde Serdaryň köşgüne bar. “Sowulyň ýolumdan, men kör garganyň beren kürresini münüp geldim” diýgin. Kürre köşge syçar, gorkmagyn, syçsa gowudyr. Ol tylla tezeklär. Bir tylla, iki tylla, üç tylla… gaçar durar. Serdar saňa ýüz, iki ýüz, üç ýüz, bäş ýüz, müň dollar berer, bäh, hezillik bolar! Biz häziriň özünde kör garganyň saňa beren kürresini tapmaly! Ýöne welin, Serdar altyn syçýan kürräni eliňden gaňrypjyk alar!

OGLAN. (Masgarabazy diňledigiçe gorkusy artýar) Sen kim-aý?
MASGARABAZ. Kime meňzeýän? Maňa oňatja seret! Meni öň gören bolaýma?
OGLAN. O torbaňda näme bar? (Masgarabazyň öli kepderini çykaranyny görüp, has-da gorkýar) Ony kim öldürdi?
MASGARABAZ. (Kepderini duluklary bilen sypaýar) Bujagaz guş maňa düşünýän ýeke-täk jandardy, ikijigimiz dostduk, ýoldaşdyk!.. Muny adamlar öldürdi.
OGLAN. Sen Ezraýyl diýilýänmi?
MASGARABAZ. (Hahahaýlap gülýär) Men Masgarabaz diýilýän!
OGLAN. Sen… Ezraýyl! (Gapa ylgaýar) E-e-eý-ý-bi, bi taýda Ezraýyl ba-a… Ezraýyl ba-a!..

Oglanyň sesine itiň uwlaýan sesi goşulýar. Sesler garyşýar, uzaklaşýar.

MASGARABAZ. Adamlar, bu it meniň sebäbime uwlanok. Enem-atam maňa Italmaz diýip at goýupdyr, meni adym goraýar. Kepderi janawar öldi, men ölmän galdym. Ýyl geçer, Ezraýylyň sanawyna düşürlen adamlar ýagty ýalançy bilen hoşlaşarlar, men welin, galaryn. Masgarabazdyr, ýaňrap durandyr diýmäň, meniň ölmejegime ynanaýyň. Bu ýurtda masgarabaz gyt däl, özüňi asmandan asma, öleniň bilen ýeriň gädilip galasy ýok diýjeklerem tapylar. Diýibersinler, men olara hä diýmen, sebäbi, diňe men özüme masgarabaz diýýän. (It uzyn-uzyn uwlaýar) Bu sesiň meň ömrüme dahyly ýok, ynanaýyň, adamlar. Onda it kim üçin uwlap otyr diýersiňiz. Bu sowaly men siziň özüňize gaýtarýan. Men pylany üçin uwlaýar diýip bilmen-ä, ony diýsem maňa: sen Ezraýyl! diýersiňiz. Meniň Ezraýyl bolasym gelenok, adamlar, maňa masgarabaz diýiň!..

Masgarabaz kepderini kükregine gysyp, gündiziň ýagtysy çogup düşýän gapa ýönelýär. Birdenem yzyna öwrülýär, ýylgyrýar, soňam gaty gülýär. Ol gitse-de sahnada gülküsi galýar.

SOŇY.

2001-nji ýyl. Teatr we kino sungaty